# Söýgi üçin ökünme ýok / goşgular toplumy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýgi üçin ökünme ýok / goşgular toplumy SÖÝGI ÜÇIN ÖKÜNME ÝOK




• ***MEN ŞERABY ŞATLYK ÜÇIN IÇERDIM…***

Men şeraby şatlyk üçin içerdim,
Meniň ondan gözleýänim şatlykdy,
Şerap dertlileriň ölçerýär derdin,
Maňa ondan gamam, şatlygam ýokdy.

Sen dymsaňam, gözüň berdi sowaly.
Aljyraňňy bakyp boş çüýşelere;
Şatlyk üçin içerdim men şeraby:
Bu ýerde sebäp ýok endişelere.

Durma onuň üçin alada galyp,
Meni ol endikden eýýäm dyndardyň,
Girdiň durmuşyma bahar-yaz bolup,
Ýüregimi patlyk bilen doldurdyň.

Diýmek, gaýtalamok men ýöne ýerden,
Sypap seniň müşki-anbar saçlaryň:
«Men şeraby şatlyk üçin içerdim,
Indi şatlygym – sen. Indi içmerin».

• ***HEM GIJE, HEM GÜNDIZ KÜÝSEGIM BOLDUŇ***

Hem gije, hem gündiz küýsegim bolduň –
Sensiz bu janyma jaý taparynmy?
Seni ýeňdigimçe ýesiriň boldum –
Senden aýrylmaga ýol taparynmy?

Garaşdym baharyň zary bolup men,
Eredim daglaryň gary bolup men;
Gülden-güle gonsam ary bolup men,
Gülde seniň kimin bal taparynmy?

## • *ZÄHMETIM HAKYNDA*

Zähmetim hakynda berip sowaly,
Sorama sen yhlasymyň bahasyn:
Çyn söýgini satyp bolmaýşy ýaly
Satyp bolmaz eken ýürek yhlasyň.

Gadym zamanlarda bir garyp daýhan
Arpa bazaryna getirip bugdaý,
Bugdaý gadryn bilýän hyrydar tapman,
Mugtuna paýlanmyş, galsa-da gedaý.

Arpa bazarydyr bu täsin dünýä:
Bugdaý sözler ekip, bagryn dilenler
Zähmetini paýlap gitdiler ile,
«Bir gün aňlar – diýip – gadyr bilenler».

Şahyr nep gözlärmi söýgüde onsoň?
Ähtinden dänermi bähbidin arap?
Şahyryň söýeni owal sen bolsaň,
Ol yşk seňki bolar mundanam beýläk.

Kalbym ony dolup-daşyp bagş eder;
Sebäp, göz ýetirdim şu wagta deňiç:
Bu dünýäde arzan zatlar satylýar,
Gymmat zatlar munda edilýär peşgeş…

## • *DÜÝŞ IÇINDE DÜÝŞ*
*(Edgar Podan)*

Soňky sapar öpüp seniň alnyňdan,
Hoşlaşykda aýdyp galaýyn bir zat:
“Düýşde ýaşaýarsyň” diýdiň maňa sen;
Howa, düýşde ýaşaýanym hakykat!
Şeýdip, taşlap gitse umyt ynsany
Gijemi, gündizmi, düýşdemi, huşda,
Salgym dek, hiç zadyň bolman paýany,
Gözden gaýyp gitse irde ýa giçde,
Eýsem, düýşden enaýymy bu durmuş?
Durmuş diýýänimiz – düýş içinde düýş.

Ine, durun möwçli kenarda ýalňyz,
Daşymda tolkunlar alazenzele;
Altynsow çägeden aldym bir gysym,
Olam eräp gitdi, garyldy deňze.
Gysymlap alsam-da, şunça zer çägäň
Ýekeje dänesin bilemok saklap.
Ýekeje dänäni, Hudaýym, neçüýn
Elde saklamaga bereňok kuwwat?!
Namut bolup durun, gözlerimde – ýaş.
Göryän zatlarymyz – düýş içinde düýş.

**• *GEL, IKIMIZ ÄHTI-PEÝMAN EDELI…***
***(Pirsoltan Abdaldan)***

Gel, ikimiz ähti-peýman edeli:
Ne sen meni unut, ne-de men seni!
Şu peýmany ömürboýy tutaly –
Ne sen meni unut, ne-de men seni!

Baş alyp gideýin gurbet illere –
Sen meni düşürdiň dilden-dillere;
Durna kimin uçsam uzak köllere,
Ne sen meni unut, ne-de men seni!

Sen meniň mahbubym, melegim, mahym;
Seni söýen aşyk köp çeker ahyň.
Ehli-yrfan içre söhbetde çagym

Ne sen meni unut, ne-de men seni!

Geldi bu gün aýralygyň zamany,
Hak aşyklar onda sürer döwrany.
Äht edeli – getir Kelamyllany:
Ne sen meni unut, ne-de men seni!

- ***RUBAGYLAR***

Senli günler ömrüme deň ekeni,
Sensiz günler manysyz heň ekeni;
Indi bilýän: senli günlerim bilen
Günlerim däl, ömrüm geçen ekeni.

Ýaprak eken şahanyň bar zynaty:
Hemdemi, aýdymy, baýlygy, bagty;
Şaha indi gelip muňa düşünýär:
Ýapraksyz gugaryp oturan wagty.

Köp baharlar gördüm gyşlar geçende,
Müşk saçýardy olar howly, köçede;
Yşk bahary kimin bahar görmedim:
Ol bahar – ömürlik kalbym içinde.

***SÖÝGI ÜÇIN ÖKÜNME ÝOK***

Delmunyp yşgym ýürekde,
Sensizlige geldi hötde.
Emma kalba ünji hälem
Aýdan sözüň hoşlaşykda:

«Unut – diýdiň – indi meni;
Uzak – diýdiň – ömür ýoly,
Ýatlap ýörme ökünç bilen
Aramyzda bolanlary!»

Söýgi üçin ökünme ýok,
Oňa sarpam tükenme ýok;
Merhemetiň çyksa ýatdan,
Maňa hergiz ýalkanma ýok!

Boz topragy guçan gül dek,
Sahawatyn saçan gol dek,
Teşne kalba damja-damja
Muhabbetiň siňdi bal dek.

Kaýyl edip bereniňe,
Aram berdim ýüregime;
Kalpda keşbiň nuranadyr –
Käkilleri mele-mele.

Söýgi üçin ökünme ýok,
Hasratyndan çekinme ýok;
Hoşlaşsagam ömürbaky,
Seni ýatdan çykarma ýok! Goşgular